# ZÄHMETI GORAMAK WE TEHNIKI HOWPSUZLYK BOÝUNÇA SYÝASATY (ZG WE TH)

Şu «Zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk boýunça Syýasaty» (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deňiz» HK-nyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçysy ZG we TH babatda milli hem-de halkara kanunçylygyň talaplarynyň hökmany berjaý edilmegine bolan garaýşyny beýan edýär, şeýle hem ZG we TH çygyryndaky işleriň strategiýasyny we maksatly meýilleşdirilmegini kesgitlemek üçin esas bolup durýar.

HK-nyň ähli işgärleri ZG we TH bilen baglanyşykly talaplaryň ýerine ýetirilmegine düşünýärler we olar üçin jogapkärçilik çekýärler.

**Şygar: BIZIŇ HYZMATLARYMYZ HOWPSUZLYKDAN BAŞLANÝAR!**

**Strategik maksatlar:**

- **Şikessiz iş:** Önümçilikde we edarada heläkçilikli ýagdaýlara hem-de betbagtçylykly wakalara doly ýol bermezlik.
- **Proaktiw çemeleşme:** Potensial töwekgelçilikleriň hadysalara getirmeginden öň, olary wagtynda öňüni almak we ýüze çykarmak.
- **Ynsan möhümliligi:** Her bir işgäriň ömrüne we saglygyna HK-nyň iň ýokary gymmatlygy hökmünde aýawly çemeleşmek.

**«Syýasatyň» durmuşa geçirilmegi şular arkaly gazanylýar:**

- ZG we TH çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygy we halkara hukuk namalary tarapyndan bellenen talaplaryň we kadalaryň, şeýle hem kanunçylyk ýa-da kadalaşdyryjy namalar bilen düzgünleşdirilmedik meseleler boýunça, özüniň ýolbaşçy resminamalarynyň berjaý edilmegi;
- HK-nyň ýolbaşçysynyň ZG we TH derejesini ýokarlandyrmak maksatlaryna üýtgewsiz ygrarlylygy;
- HK-nyň her bir işgäriniň saglygy baradaky alada;
- Howpsuz zähmet şertleriniň we işleriň howpsuz alnyp barylmagynyň üpjün edilmegi;
- Her ýyl töwekgelçilikleriň anyklanmagy, baha berilmegi we gaýtadan baha berilmegi;
- Howpsuzlyk boýunça yzygiderli auditleriň geçirilmegi;
- Zerur bolan şahsy goranyş serişdeleri (ŞGS) bilen wagtynda üpjün edilmegi;
- Işde diňe gurat işleýän enjamlaryň, maşynlaryň we tehnikalaryň ulanylmagy;
- Döwlet standartlary (DS) we SEG tarapyndan bellenen möhletlerde iş ýerlerinde zähmet şertleriniň ýagdaýyna baha berilmegi;
- Işe başlamazdan ozal her bir işgäriň saglyk ýagdaýyna baha berilmegi;
- ZG we TH boýunça dürli syýasatlaryň, düzgünnamalaryň, gözükdirijileriň, ýatlamalaryň, kadalaryň, buýruklaryň işlenip düzülmegi we ornaşdyrylmagy;
- HK-nyň ähli işgärleri bilen ZG we TH boýunça, yzygiderli okuwlaryň, şol sanda hyzmatlary sargyt edijiler bilen ZG we TH boýunça, bilelikdäki okuwlaryň we türgenleşikleriň geçirilmegi;
- Tertipnama (grafik) boýunça, ZG we TH kadalary baradaky bilimleriň barlanylmagy.

HK-nyň ýolbaşçylygy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| «Arassa Deňiz» HK-nyň<br>Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |
|---|---|---|---|

TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ»